# Dördünji mynajat: Akyl-huş üçin alkyş

Category: Filosofiýa,Kitapcy,Sözler
написано kitapcy | 22 января, 2025
Dördünji mynajat: Akyl-huş üçin alkyş

ÝEKELIKDÄKI IKIÇÄKLIK

■ Dördünji mynajat: AKYL-HUŞ ÜÇIN ALKYŞ

Eý, göwnüm! Diňle!
Danalyk:
– Eýäňi tanamaklykdyr.
– Dostuňy hem duşmanyňy tanamaklykdyr.
– Dünýäni bolşy ýaly kabul etmekdir.
– Kanagatly hem sowukganly bolmakdyr.
– Nadanlardan gaça durmakdyr.
– Her kimiň öz akylynyň bardygyny boýun almakdyr.
– Köpçüligiň içinde bolmak, ýöne özüň bolmakdyr.
– Syr gizlemegi başarmakdyr.
– Döwrüňden öňe gitmegi başarmakdyr.
– Durmuşa görä bolmagy başarmakdyr.
– Garaňky nagymyň çetindäki ýagtylygy görmegi başarmakdyr.
– Haýyr görmek däl, haýyrly bolmakdyr.
– Sol eliňde – şübhe, sagyňda – ynançly barmakdyr.
– Samsyk bilen sanaşmazlykdyr.
– Iýmek üçin ýaşamak däl, ýaşamak üçin iýmekdir.
– Özgäň pikirini diňlemegi başarmakdyr.
– Hemme zatda özüňi görmegi başarmakdyr.
– Özüňi ýitirmezlikdir.
– Ýalňyşmakdan gorkmazlykdyr.
– Ilki akylyňy, soň diliňi işletmekdir.
– Diňe akyla däl, ýürege gulak asmakdyr.
– Geljege tarap gitmek däl, ony getirmekdir.
– Bar zady ýüregiňden geçirmekdir.

– Kemçiligiňi unutmazlykdyr.
– Agyr günde sabyrlylykdyr.
– Dünýä jan gözi bilen bakmakdyr.
– Dünýäni myhmanhana däl-de, ojak diýip bilmekdir.
– Töwekgel bolmakdyr.
– Dünýäň hem kämil, hem bikemaldygyny şol bir wagtda duýup bilmekdir.
– Gaýgy-hasrata berilmezlikdir.
– Rahatlykdan ötri göwnüňi jylawlamakdyr.
– Hiç mahal birtaraplaýyn pikir etmezlikdir.
– Diňe dymmaly däl wagty gürlemekdir.
– Atalaryň pendine, däbine we dinine wepaly bolmakdyr.
– Öz akylyň bile iş görmekdir.
– Akylyňy ynsabyňa tabyn etmekdir.
– Hakykata ölinçäň gulluk etmekdir.
– Hemme zady bilmeýäniňi bilmekdir.
– Dünýäniň eýesiz bolmagynyň mümkin däldigine düşünmekdir.
– Adamzadyň zyýadalygyna hem borçdarlygyna ynanmakdyr.
– Diňe soňuny göreniňde, işe başlamakdyr.
– Gerdeniňe diňe göterip biljegiňi almakdyr.
– Ynanjaň bolmazlykdyr.
– Jedelleşmezlikdir.
– Bar zady däl, diňe gerek zatlary bilmekdir.
– Göwnüňe hoş ýakýan zatlaryň yzynda selpemek däl-de, diňe elýeterli zatlaryň göwnüň hoşudygyna düşünmekdir.
– Ýekelikde oýlanmakdyr.
– Özüňe ýakymsyzy ile-de etmezlikdir.
– Hemme zatda hetdiňi bilmekdir.
– Hyýallara aldanmazlykdyr.
– Ýalanyňam bir zada daýanýandygyna düşünmekdir.
– Herki kynçylykdan çykalga tapmakdyr.
– Bar zadyň ötegçiligini unutmazlykdyr.
– Iller öwende-de, özüňi mahabatlandyrmazlykdyr.
– Ölümiň bardygyny ýatdan çykarmazlykdyr.
– Her kişiden bir zady öwrenip galmakdyr.
– Ölmezden owal haýyr iş edip ýetişmeklikdir.
– Işjeň hem garadangaýtmaz bolmakdyr.

– Duýgurlyk hem syzgyrlykdyr.
– Duşmanyňy golaýlaşdyrmazlyk, dostuňy daşlaşdyrmazlykdyr.
– Duşmana düşnüksiz bolmakdyr.
– Özüňe öýkünmeklerini gazanmakdyr.
– Jan, beden hem ruhy gujuryňy tüketmezlikdir.
– Kalbyň terligini saklamagy başarmakdyr.
– Ýöne işlemek däl, netijeli işlemekdir.
– Şerden daş durmakdyr.
– «Men-menlik» etmezlikdir.
– Allanyň çeken çäklerinden çykmazlykdyr.
– Özüňi elde saklamagy başarmakdyr.
– Ownukçyl bolmazlykdyr.
– Ruhubelent bolmakdyr.
– Göwnaçyk bolmakdyr.
– Kemçiligi bagyşlap bilmekdir.
– Saglygy gözellikden ileri görmekdir.
– Bolmajak işe baş goşmazlykdyr.
– Bir kişiniň kemçiligini hemmelere ýöňkemezlikdir.
– Geçenini däl, geçjegini ölçemekdir.
– Ykbalyňdan razy bolmakdyr.
– Her pursatda durmuşy söýmekdir, islendik pursatda ölüme taýyn bolmakdyr.
– Iş başlamankaň pikirlenmek, edeniňden soň ökünmezlikdir.

Akyl-huş berip, meni maňa çenli bolan mahlukatdan ýokary goýanyň üçin Saňa hamd-u-senalar bolsun!

Akyl berip, meni haýwanatdan, ýürek berip, meni melaýyklardan zyýada göreniň üçin Saňa hamd-u-senalar bolsun!

Akyl bilen duýgyny bir jisimde kebşirläp, barlykda maňa çenli bolmadyk mahlugy – meni ýaratdyň.

Çepimde – duýgy, sagymda – akyl, gezekli-gezegine kä birine, käte beýlekisine ýol salyp, şu günki barlygyma gelip ýetdim.

Meni ruhdan hem jandan ýaratdyň. Meniň barlygymdaky mahlukylyk jandan, meniň barlygymdaky mälikilik – ruhdandyr. Meniň barlygymdaky ebeteýsizlik hem bikemallyk jandan, meniň barlygymdaky kemallylyk ruhdandyr. Ýaradalyň bäri mende mahlukylyk bilen mälikilik, Ýaradalyň bäri içimde bikemallyk bilen kemallylyk göreş tutuşyp gelýär. Bu göreşde Seniň beren

ruhuň mähek daşy akyl maňa hemişe puçluk öýi bolan wagtdan daşlaşmaga hem-de barlyk öýi bolan bakylyga ýakynlaşmaga ýardam edip gelýär.
Toba edýärin, şeýle bir mahallar bolupdy, men jan jansyzlykdan döräýendir hasaplardym. Akylym Seniň ýalkawyň bilen bu gün şeýle kämillige ýetdi, men jansyzlykdan janyň döremejekdigine göz ýetirdim. Ýoklukdan hiç mahal barlyk döremez. Garpyz çigidinden şetdaly döremez.
Garga ýumurtgasyndan laçyn jüýjesi çykmaz.
Ajydäne erikden maňzyň süýjüsi çykmaz.
Ýokluk näçe çytraşsa-da, dirilikden bijesi çykmaz.
Mis altyn bolmaz.
Wagt näçe ýüz million ýyl ýaşasa-da, öz-özünden hamyla bolup, barlygy döredip bilmez.
Barlyk diňe barlykdan, nur diňe nurdan dörär. Sen meni öz barlygyňdan ýaratdyň.
Sen öz barlygyňdan maňa ruh berdiň, şu dünýäniň içine salnan ruhdan bolsa akyl-huş döredi.
Sen bikemallygymy özgertmek işini meniň öz erkime berdiň. Bu erkiň ady-da Akyldyr.
Wagt diňe yza gidýär.
Akyl üçin bolsa yz – geçmiş, öň – geljek, häzir diýen ölçeg ýokdur.
Dünýä diňe sarp bolýar.
Akyl bolsa hiç mahal gutarmaýar.
Akyl wagtdan hem, dünýäden hem däldir.
Akylyň ylahy tebigaty bar, çünki ol Seniň maňa bagyş eden ruhuňdandyr.
Jisimden jan döremejek eken.
Jandan akyl döremejek eken.
Wagt bolupdy, men akyl jandan dörär diýip pikir edipdim. Eger şeýle bolsa, onda haýwanatda akyl bolmaly. Emma hakykatda beýle däl ahyryn.
Wagt bolupdy, men akyl jan serişdesidir diýip hasaplapdym. Akyl adamzada bary-ýogy maddylykda gün görmek üçin gerekdir diýip pikir edipdim.
Edil Ýolbarsyň dyrnaklary bilen, guşuň ganatlary bilen,

bedewiň aýaklary bilen gün görşi ýaly.
Emma hakykat beýle däl ahyryn.
Ýolbarsyň, guşuň, bedewiň, garynjanyň ýaşaýyş serişdesi onuň murda bolmagy bilen ýok bolup gidýär. Emma adamyň akyly adam mowt edensoňam, diriligine galýar.
Akyl dünýäde ýaşamagyň, dünýä bilen oňuşmagyň däl-de, dünýäni ýeňmegiň serişdesidir. Dünýä dili! Dünýä – ähli soňy ölüm bilen gutarýan zatlar. Akyl ylahy närse. Ol ölmeýär.
Ylahy närse bolan akyl Sendendir hem Seniň bilendir. Şonuň üçinem haçan-da akyly maňa bagyş edeniňde, ol şeýle şert goýupdy: «Akyla – maňa eýe bolan kişiler diňe jennete düşsünler!» Jennet ruhuň – mekany. Akylyň asly-da ruhdur.
Akylly adam hemişe, ömürboýy ruhana durmuşda ýaşaýar. Ruhana durmuş ruhuň howalaly durmuşydyr. Akyl öz baran ähli ýerine behişdi ýaşaýşyň ylahy barlygyň ruhuny, tagamyny hem-de duýulyşyny getirýär. Akylly adam aýratyn giňişlikde, başga çäklerde hem-de ölçeglerde ýaşaýar. Men muňa ruhubelentlik ýaşaýşy diýýärin. Şeýle adamyň – gözi-de, hereketleri-de, sözleri-de, edýän işleri-de aýratyn manyly hem nuranadyr. Onuň ýaşaýyş giňişliginde hiç hili ownukçyllyga, wagt hem wagtlaýynlyk zerarly keç bolmaklyga ýa-da badyhowa keýpihonlyga, soňsuzlyga aldanmaga orun ýok. Wagtyň içindäki dünýäniň keşbinde onuň üçin ýüzleýlik, ýalpaklyk hem-de ýeňleslik oňat duýulýar. Ol özüni şu dünýäde jahyllaryň dünýäsine düşen kämil ýaly duýýar. Jahyllygyň akyly gysgalygyna gynanýar, olaryň durmuşy söýşüne çaganyň höwesine guwanyşy ýaly guwanýar. Ýöne hiç mahal onuň wagtyň içindäki dünýäden göwni bitmeýär, akyly dokunmaýar, hatda men-ä onuň içi ýylamaýar diýibem aýdardym.
Men bir zady anyk bilýän: akyl hiç mahal akyly kör wagt bilen barlyşmaz. Ylahylyk hiç mahal maddylyk, hakykylyk hiç mahal mahlukylyk, howalalylyk hiç mahal bihallyk bilen barlyşmaz. Akyl adamzady ylahylyga, halykylyga, howalalylyga dahylly edýär. Adamzat islese-de, islemese-de, ol muňa dahyllydyr.

* * *

Eýa, Biribar!

Säheriň asmanlardan perişdeleriň sesleriniň gelýän wagty, saba ýelleri bilen göklerden melaýyklaryň hemsöhbediniň Zemine ýaňlanýan wagty, dury şemallary hem päk niýetimi janamaz edinip, dünýäleri Ýaradana yhlasymy mährap edinip, Saňa hamd aýdýaryn!
Seniň senligiňe hem özgeligiňe dahylly edeniň üçin, akyl bilen melaýyklaryň ýüzüni maňa bakyşly edeniň üçin, akyldan ötri bakylygy ruhuma ýakymly edeniň üçin Saňa hamd-u-senalar bolsun!
Agşamyň ýüregime asyl mekanym – behişdi mekanyň aýralyk hasratyny salýan garyp çagty, dünýä bipaýanlygyndan kalbymyň dilim-dilim bolýan garyp çagty, jennet derwezeleriniň yzly-yzyna açylyşy ýaly, gökleriň gatba-gat açylan garyp çagty Saňa hamd aýdýaryn!
Özüme hem özgelere aldanmazlyk üçin bereniň – akylyňdan aýyrma! Akylym Saňa bolan yhlasymda, yhlasym Saňa gönügen akylymda bolsun! Ömür ýollarynda öňümden şeýtany betgümanlyk çykanda, akylym gözümde bolsun!
Haka suwsan bendeleriň, galplykdan kösenen Seniň ynsan bendeleriň huzuryma gelende, akylym sözümde bolsun!
Seniň barlygyňy küýsäp, gijelerine çirim etmän, gündizlerine pirim etmän, dünýälerdäki mübärek yzlaryny çalanymda, akylym gezende bolsun!
Gündiziň nurana çagynda, dünýä çyrçygynyň ýüzbe-ýüz, howaly bakanyň gaýybana çagynda, dünýä söýgüsinden peýda bolan şübhelerim möwç urup, ýüregimiň erňeginden aganda, Saňa mynajat edýärin!
Akyl-huşdan aýyrma!
Gözümi Saňa söýgimden hem yhlasymdan syzylan ýaşdan aýyrma!
Aýyrma – akylymy Seniň mübärek jemalyň hem kemalyň gözleglerinden!
Aýyrma – akylymy Seniň üç müň ismiň hem Seniň sansyz kysmyň gözelliginden!
Aýyrma – akylymy Seniň syrly hem gudratly zatyň, Seniň biakyl ediji sypatyň yzlaglaryndan!
Aýyrma – akylymy Seniň barlygyň hem Seniň birligiň şu gündiz kimin aýdyňlygyndan!

Aýyrma – akylymy şu Günüňki kimin oňa beren nuruňdan! Şu Gün kimin oňa beren zorundan! Şu Gün kimin oňa beren naryňdan!
Aýyrma akylymy özüňden!
Özüňden akylymy aýrylama!
Günden ýüz döndersem ýüzüm tümlüge bor!
Senden akylymy döndersem, ýolum tümlüge hem nadanlyga bolar!

* * *

Akylyň awy – syrdyr.
Akylyň awusy – küfürdir.
Akylyň nany – syrdyr.
Akylyň janany – syrdyr.
Akylyň imany – tedbirdir.
Akylyň duşmany – küfürdir.
Akylyň magşugy-da syrdyr.
Akylyň ýürek dagy-da syrdyr.
Akylyň bardygy syryň bardygy üçindir. Syrlar bolmasa, akyl-da gerek bolmazdy. Akyl syrlary däl, syrlar akyly döredýär. Akyly Allatagala döredendir.
Şonuň üçinem adam barlygynda iň gutarnyksyz, hiç mahal tükeniksiz närse akyldyr. Syrlaryň sany ýokdur, akylyň-da çägi ýokdur. Çünki akyl maddy däl närsedir.
Syr berçikdirmez, akyl berçikmez.
Bir syr açylsa, müňüsi dörär,
Bir akyl haýygsa, müňüsi herekete geler.
Akyl gözellikden has ýokardadyr.
Akyl gözellikden has mertebelidir.
Akyl gözellikden has zyýadadyr.
Çünki gözellik dünýädendir.
Akyl bolsa ylahdandyr.
Akyl üç ýerde bolar: beýnide, ýürekde hem-de kalpda.
Beýnidäki akyl güzeranyň hem durmuşyň çözgüdine meşgul bolar.
Ýürekdäki akyl dünýäniň syrlaryna meşgul bolar.
Kalpdaky akyl bolsa ruhuň syrlaryny yzarlar.
Danalygyň ýagysy nadanlyk, pähimiň ýagysy akmaklyk, ýitiligiň ýagysy küteklik, akylyň ýagysy bolsa… akylsyzlykdyr. Akylsyzlyk adama Allanyň beren ähli ruhy artykmaçlyklaryndan

mahrum bolmakdyr. Alla şolardan mahrum edende, akylsyz kişi dana-da, pähimli hem, ýiti hem bolup biler, ýöne ol akylly bolup bilmez.
Pişigiň ýyndamlygy samanhana çenlidir, akylsyzyň danalygy, ýitiligi hem-de pähimi dünýäniň çäklerine çenlidir.
Akyl barlygyň serhetlerini giňeldýär, ýoklugyň mülküni daraldýar.
Akyl nury köpeldýär, danalyk, ýitilik hem pähim bolsa garaňkylykda özüňi oňaryp ýaşamagy öwredýär.
Akyl – ruhuňy özgertmek, ýitilik – bedeniňi, danalyk – töweregiňi özgertmek mümkinçiligidir.
Pähim – ähli ýaramaz-u-oňat zatlara düşbülikdir. Akyl bolsa erbetliklere düşünmek ukybydyr, şonuň üçinem onuň maksady we borjy erbetligi aradan aýyrmak ýa-da özüniň aradan aýrylmagydyr.
Akyldar – barlygyň syrlaryndan ýüki ýeten kişidir. Öz gezeginde ol täze syrlary dogurýar.
Dünýäniň içindekäň we dünýäniň çägindekäň, akyldar bolmak mümkin däldir. Akyldaryň ýurdy dünýäleriň araçägindedir.
Akyl adamyň içinde däldir. Ol onuň daşynda-da däldir. Akyl iç bilen daşyň serhedindedir.
Akyl gözellik däldir, ol paýhasalaýyklykdyr.
Akylsyzlar dört ölçegli dünýäde, akyldar bäş ölçegli dünýäde ýaşaýar, bäşinji ölçeg – akyldyr.
Akyl – syr gözleýär, danalyk – hakykaty.
Danalyk adamdan adama geçýär, akyl Hudaýdan adama geçýär.
Danalyk tejribedir, akyldarlyk Allanyň peşgeşidir.
Danalykdan tapawutlylykda, akyl azalmaýar hem, köpelmeýär hem.
Danalyk duýgulardan azat bolmak, akyldarlyk hyjuwlanyp ýaşamakdyr.
Dana sowukganlydyr, akyldar – ganygyzmadyr.
Danalyk – durmuş üçin, akyl – ýaşaýyş üçindir.
Danalyk haýyr bile şeriň sag tarapynda, ýitilik çep tarapynda, akyl bolsa o tarapyndadyr.
Danalyk toprak ýaly agraslyk, ýitilik suw ýaly hertaplyk, akyl bolsa asman ýaly ýeňillikdir.
Güzeran meselelerinde akyl peýdasyz perişde, danalyk bolsa

aşna döwdür.
Akyl mydama terdir, çünki ol syrlary çözleýär, paýhas mydama manylydyr, çünki ol hakykaty gözleýär.
Şeýtan ýitidir, emma akyl bile paýhas onuň jynsyndan däldir.
Şeýtan Adam atany aldap, oňa Akyl agajynyň miwesinden dadyrdy. Özi welin ondan binesipdir. Şonuň üçinem ol mydam akylyň duşmanydyr.
Akylyň bir özi berilmeýär, ol diňe ylahylyk üşnügi bilen bile berilýär. Şonuň üçinem şeýtan akyldan mahrumdyr.
Akyl ýa bar ýa-da ýok. Has dogrusy, kämahal bar, köplenç bolsa ýok.
Akyl satylmaýar, öwüt satylýar. Özüňde ýok bolsa, ony satyn alybam bolmaýar.
Akyl adamyň özüni duýşunyň däl, adamyň Allany bilşiniň halatydyr.
Akyl asmana ýakyndyr.

* * *

Howanyň sergin çagynda, paýhasyma serginlik ber!
Şemalyň dury çagynda, akylyma durulyk ber!
Asmanyň çuň çagynda, pikirlerime çuňluk ber!
Älemiň tükeniksiz çagynda, hyýallaryma tükeniksizlik ber!
Asmanyň tüp çagynda, pikirlerime syrlylyk ber!
Duýgularym pikirlerime penjire, ýüregim akylyma işik bolsun!
Pikir daragtymy duýgy hem hyjuw çeşmesiniň suwuna ýakaýyn.
Duýgusyz pikir jansyz jesetdir.
Duýgy pikiriň janydyr, ylham janyň ýaşaýyş çeşmesidir.
Akylyma ylham ber, Ylahym!
Senden ylham alan pikirlerim dünýäniň ýogyn barlygyndan parran geçip, ýaşaýşyň inçe syrlaryny akylyma aýan etsin.

* * *

Hemme zady bilýändirin öýdýän, hiç zady bilýän däldir.
Hemme zady bar adamyň hiç zady ýokdur.
Öz akylyňy ile görkezmek islegi şöhratparazlygyň iň ýaramazydyr.
Hak akyldar adam özüni akylsyz hasaplaýar, şonuň üçinem ol

akyldardyr.
Akylly az geplär, köp gepleýän bolsa akylsyzdyr.
Köp bilip, az bilýän ýaly görünýän kişi akyldardyr.
Az bilip, köp bilýän ýaly görünýän kişi akylsyzdyr.
Älemşynasyň dünýäsi kellesinden ýokarda, dananyň dünýäsi kellesiniň içinde, akyldaryňky bolsa daşyndadyr.
Akylyň dogulýan hem ýaşaýan giňişligi howalalylykdyr.
Akyldar akyldarlygynyň üstesine ahlakly hem asylly bolanlygynda, deňsiz-taýsyzdyr.
Akmak – ýigrenmäge, akylly – söýmäge mähetdeldir.
Manysy aşa köp akyl duzy köp deňiz suwy ýalydyr.
Akyldaryň akylynyň güwäsi onuň sowukganlylygy hem-de asudalygydyr.
Akyldar bolmak çagalygyňa gaýdyp barmakdyr.
Akyl hem edil eşik ýalydyr: ol adamyň bikemallygynyň hem gelşiksizliginiň üstüni örtüp durýar.
Adam akyl ýetiren zadyndan sowaşyp başlaýar. Şonuň üçinem Hudaý özüne akyl ýetirmesiz edipdir.
Akylyň çägi ýokdur. Çägi akyldar kesgitleýär.
Adamlar syr bolup görünýän zatlara ynanmagy gowy görýärler.
Batyrlygyň ýok ýerinde akylyň peýdasy azdyr.
Akyldaryň artykmaçlygy amatly pursady ilden öň aňlamakdyr.
Akyllylyk – diňe mümkin zada bil baglamakdyr.
Akmaklyk özüňde bar bolan kemçilikleriň ilde-de bardygyna ynanmakdyr.
Akmak öz başarmaýan zadyny iliň başarýanyna ynanmaýar.
Akylly kişi iki belanyň kiçisini saýgarmagy başarýar.
Hemmeden akylly – halkdyr, çünki ol gerekli derejede akyllydyr.
Akyllylar akylsyzlardan köp bilýänligi däl-de, ýürekliligi hem-de özüne ynamlylygy bilen artykmaçdyrlar.
Adatça, akyl öz ýoly bilen, durmuşyň öz ýoly bilen gidýär.
Akylyň emri bilen edilýän biakyllyk akmaklygyň emri bilen edilýän biakyllykdan köpdür.
Danalygyň gözbaşy tejribede, tejribäniň gözbaşy bolsa nadanlykdadyr.
Köp bildikçe, müňkürlik artýar.

Eger başgalar akmak bolmasady, onda özümiz akmak bolmaly bolardyk.
Durmuşda gulp açardan has köpdür.
Adamlaryň köpüsi öz ýadyna akyldyr, öz pikirlerine bolsa hakykatdyr öýdýärler.
Huşundan zeýrenýän bar, akylyndan zeýrenýän ýok.
Akylly söze başlanda, onuň soňuny bilmeýäris, akmak söze başlanda, näme bilen gutarjagy görnüp durandyr.
Özüňi tanamak diňe bir kyn däl, eýse ýakymsyz işdir hem.
Aýdyň pikir diýip biz öz pikirimiz ýaly derejedäki bulaşyk pikire aýdýarys.
Bir adama akyl ýetirenden hemmelere akyl ýetirmek aňsatdyr.
Akyl adama bir zat üçin – diňe akyl bilen ýaşap bolmaýanlygyna düşünmek üçin berlendir.

* * *

Eýa, Biribar!
Meni ýaradyp, meniň üçin iki sany beýik Çuňlugy häzirläpsiň. Olaryň biri meniň daşymda, beýlekisi bolsa meniň içimde. Bularyň ikisi-de meniň üçin, çünki olar meniň açylmagyma niýetlenipdir. Asmanlara bakyp, asmanlara ýol salyp, men daşymdan açylýaryn hem daşyma açylýaryn. Kalbyma bakyp, kalbymyň paýhasyna ýol salyp, men içimden açylýaryn hem içime açylýaryn.
Içimdäki hem daşymdaky
Ýokarymdaky hem teýimdäki
Özümdäki hem özgämdäki
Çuňluklary açmaga akyl beripsiň.
Içimi daşyma çöwürmäge
Daşymy içime öwürmäge
Akylyma ýyndam ylham beripsiň.
Ylham bilen akylym daşyma çöwrüp gidip otyr, daşymy içime, özgäni özüme öwrüp gidip otyr. Ylhamlanan akylyň yzyna düşdügimçe, meniň ýaşaýyş meýdanym, meniň barlyk giňişligim giňelip gidip otyr. Akyl meni külli barlyk bilen barabarlyk derejesine alyp barýar. Oňa golaýlaşdygymça içiň hem daşyň arasyndaky serhet barha inçelmek hem ýiteňkirlemek bilen.

Barlyk meniň çäklerime çenli düşýär, men barlygyň çäklerine çenli göterilýärin, ulalýaryn hem-de giňeýärin. Meniň akylymyň baran ýeri barlyga dönýär, meniň akylymyň ýetmedik ýeri bolsa görgüli hem nalaç ýoklugynda galýar.
Akylym ruhumyň gözüdir.
Akylym kalbymyň gözgüsidir.
Daşymda bu gözüň ýetmeýän, görmeýän ýeri ýok, içimde bu gözginiň görkezmeýän zady ýok. Hatda akylyma basdaş duýgularymam bu gözginiň aýnasyny garaldyp bilmeýär. Oňa düşýän tot-tozany, tegmili Saňa bolan ynanjymyň ýaglygy bilen süpürip aýyrýaryn. Nadanlygyň hem şübhäniň, ynamsyzlygyň hem müňkürligiň kimiri düşen kalp gözgimi Seniň beren nuruň bilen ýuwup aýyrýaryn, şonda ol öňküden müň esse aýdyň hem şuglaly görünýär. Aýdyň hem şuglaly görkezýär.
Emma gözgi öz-özüňi görkezip bilmeýär.
Akyl weli öz-özüne-de akyl ýetirýär.
Çünki gözgi – maddadyr, akyl bolsa ruhdandyr.
Dünýä öz-özüni şöhlelendirip bilmeýär, ol özgäni – ruhy aňladýar.
Ruh bolsa öz-özüni-de aňladýar. Ruhuň öz-özüni aňlatmagyna «akyl» diýip at berýäris.
Meniň dünýäden üstün çykarym üçin, maňa akyl beripsiň. Akyl – dünýäniň syrlaryny bilmegiň guraly. Syrlary bilmek bolsa syrlaryň eýesini ele almakdyr.
Akylym – wagtyň giňişlige öwrülmegidir. Wagt giňişlige öwrüldigiçe barlyk artýar, ruh köpelýär. Çünki akyl arkaly ruh dünýäniň ýaşaýyş diline geçýär.
Eýa, Biribar!
Sen akyl arkaly dünýäni mertebelemek, ruhlaşdyrmak işini amal edýärsiň. Akyl arkaly jansyz dünýä jan, ýok dünýä barlyk aralaşýar. Ýok, akyl dünýäni ýykanogam, tozduranogam, ol dünýäniň ömrüni uzaldýar. Akyl dünýäniň başyna düşen towky däl, ol dünýäni towkudan – ýokluk hem nämälimlik, jansyzlyk zem hiçlik towkusyndan halas edýär.
Akyl Seniň ýaradan adamzat jynsynyň ýöne bir ýaşaýyş usuly däl, akyl ýöne bir Zemininiň içki hadysasy däl, akyl Älem hadysasy, akyl giňişlik bilen wagtyň tapyşýan barlygy.

Akylyň ýok ýerinde, barlyk-da ýok. Akyl barlygyň ýaşaýyş usuly. Akyl ýok ýerinde barlygam ýok. Has dogrusy, akyl ýok ýerinde, «hiçlik» bar, «hiç zat» bar. Muňa akylyň refleksi – kinaýasy arkaly düşünip bolar.

* * *

Molla Nasreddin kazy bolup işläpdir. Bir günem dürli sebäplere görä, ol işinden boşamaly bolupdyr. Gün-güzeranynyň hemişeki birsydyrgyn hem parahat aýtymyny ýitirip, Nasreddin ep-esli wagt işsiz kösenipdir. Ahyry-da ýene öňki diregine maňlaýyny diremeli bolupdyr, baş kazynyň ýanyna barypdyr. Ondan iş sorapdyr. Baş kazy edil häzir hiç hili iş ornunyň ýokdugyny aýdypdyr. Şonda ýeser Nasreddin baş kaza şeýle teklip edipdir:

– Eger kazylyk wezipesi ýok bolsa, meni «kazynyň kölegesi» diýip işe alaý!

Bu jümle söhbetdeşe hem gyzykly, hem geň görnüpdir. Ol Ependiniň nämäni göz öňüne tutýandygyny sorapdyr.

– Ine, meselem, her hili kyn işiň bolmagy mümkin. Şeýle halatda kazy çözgüt tapyp bilmedik wagty, işi kazynyň kölegesine ugradyp biler.

Baş kazy razy bolupdyr.

Tiz wagtdan şeýle işleriň biri peýda bolýar.

Baş kazy kellesine agram salyp oturman, işi derrew kazynyň kölegesine geçirýär.

Kazynyň kölegesi Ependi dawa tutup gelen adamlary üns bilen diňläpdir. Arzçy şeýle gürrüň beripdir:

– Meniň dawagärim pylan baýa odun aýryp berdi. Menem şol mahal onuň ýanyndadym. Men oňa: «Baýdan iş hakyňy alanyňda, maňa ujundan näme berersiň?» diýdim. Olam: «Hiç zat» diýip, söz berdi. Goý, ol maňa şol wada beren «hiç zadyny» bersin!

Molla Nasreddin arzça ýüzlenipdir:

– Şol ýazylgy halyny görýämiň?!

– Hawa.

– Bar, onuň bir ujuny galdyr!

Arzçy aýdylyşy ýaly edipdir.

Ependi oňa:

– Halyň aşagynda näme bar?

– Hiç zat.
– Bar, şol «hiç zady» al-da, arkaýyn öýüňe gaýdyber!

* * *

Ýene bir hekaýat.

Alyşir Nowaýy bilen Soltansöýün Baýkara bir gün bir meselede jedel edipdirler. Tomsuň güni siňekden bizar bolan Baýkara: «Bäh, bu jandaryň pisdigini. Heý, siňegiň ýok ýeri barmyka?» diýip zeýrenipdir. Nowaýy bada: «Adam ýok ýerinde, siňegem ýokdur» diýipdir. Hemişe jedelde dostundan asgyn gelýän Baýkara içinden: «Şu gezeg-ä tutulansyň» diýip, daşyndanam: «Atlanaly» diýip gygyrypdyr.

Olar gaty köp ýöräp, jokrama yssyda gyzgyn çölüň jümmüşine tarap gidipdirler. Daş-töwerekde janly-jemende galmady diýdirýän bir ýalazy hem çola ýerde aýak çekipdirler. Bu mähirsiz töwerege seredip, biraz duransoňlar, niredendir bir ýerden bir çal siňek wazylap gelip, Nowaýynyň egnine gonupdyr. Baýkara hoşhal ýylgyrypdyr.

– Adam ýok ýerinde, siňek bolmaz diýdiň-le. Bu näme siňek dälmi?

– Biz, näme, adam dälmi?!

Adam ýok ýerinde, siňek-de ýok. Akyl ýok ýerinde barlyk ýok. Akyl ýok ýerinde «hiçlik» hem ýok.

Akylyň özi barlygyň-da, «hiç zadyň-da», şol sanda siňegiň barlygynyň-da ýüze çykmagyna sebäp bolýar.

* * *

Akylyň çägi ýok.

Çünki ruhuň çägi bolmaýar.

Özüniň ösüşinde akyl belli-belli çäkler bile ýüzbe-ýüz bolýar. Emma beýle çäklilik onuň ruhy substansional tebigatyndan däldir. Ol diňe ösüşiň meselesidir. Şonuň üçinem akylyň hatda şo hili çäkliligi-de akylyň asylbaşky çäksizligininiň çägindäki zatdyr diýip aýtmak bolar.

Allatagala bize akyl berip, bize öz aýratyn söýgüsini hem umydyny bildiripdir. Indi akyl biziň daşky barlyga söýgimize hem-de öz geljegimize bolan umydymyza öwrüldi.

Maňa akyl berip, jümle-jandardan saýlan Ýaradana hamd-u-senalar bolsun!
Hakyky nygmat – akyl beren Hudaýa şükürler bolsun!
Akyl berip,
garaňkylygy nura,
ejizligimi zora öwren,
reňksiz jahany al-elwana,
ýaşaýyş manysyny peýmana,
gyzyl teni bir genji-käne öwren,
gözlerime röwşen, ýagty,
Barlyk topragyna ömür daragtyny beren,
Akyl berip,
Zemini asyl mekanyma öwren
Ötegçilik üzresinde
Bakylygy halyma öwren,
Asyl berip,
Asmany Zemine gatan
Ruhumy jismime çatan
Özüne ýakyn eden,
Akyly barlygyma perişan eden,
Akyl bile maňa peýman eden
Akylyň baky eýesi,
Biribara şükürler bolsun!
Ruh-da Sendendir!
Akyl-da Sendendir!
Şowk-da Sendendir!
Ýakym-da Sendendir!

Osman ÖDE.

Filosofiýa